# Gerkez obasynda okalan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gerkez obasynda okalan goşgy GERKEZ OBASYNDA OKALAN GOŞGY




Biz salama geldik seni görmäge,
Gerkez,
Saña tagzym etmäge geldik.
Pyragynyñ howasyndan dem alyp,
Ýörän ýodasyndan ätmäge geldik.
Biz tagzyma geldik,
Eý, gözel Gerkez!
Görkez bize ogluñ yzyny, görkez!
Görkez bize goýun bakan düzüni,
Ylham alan çeşmesiniñ gözüni!
Görkez bize bedew çapan gollaryn,
Watan üçin gylyç syran ýollaryn!

Biz bu gün jana-jan doganlar bolup,
Geldik ýatlamaga eziz ogluñy.
Dana dessanlara minnetdar nesil
Ajap alkyşlaýar hergiz ogluñy.

Biz salam getirdik çasly çaýlara,
Gojaman daglara salam getirdik.
Gerkezli şahyryñ şanly adyny,

Bu gün buýsanç bilen dünýä ýetirdik!

Salam size, Sumbar gözelleriniñ,
Ýañaklary ýaly elwan enarlar!
Salam size, aram berip janyna,
Magtymgula saýa salan çynarlar!

Salam berýäs saña, asuda asman!
Bahar bägül açýan baglara salam!
Kemeri käkilik, keýikden doly,
Deresi maýsaly daglara salam!

Bu baglarda,
Bu daglarda,
Bu çaýda
Pyragynyñ gözleriniñ yzy bar.
Onuñ erkin topragynda ebedi
Onuñ arzuw edip giden ýazy bar.

Öçmez onuñ gara günde gaýratly
Ili üçin ýakyp giden çyragy!
Oña ömür alkyş edýän dünýämiz
Durdygyça,
Durar dana Pyragy!

Ata ATAJANOW.

Surat: «Sumbar jülgesi» / Döwran HYDYR Goşgular